**Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktorynyň 2022-nji ýylyň 28-nji fewralynda çykaran 9-iş belgili**

# B U Ý R U G Y

## Sürüjilere sürüjiniň hünär derejesini bermegiň, ony peseltmegiň we ondan mahrum etmegiň hem-de sürüjileriň aýlyk zähmet haklaryna sürüjiniň hünär derejesi üçin goşmaça hak tölemegiň Tertibini we Sürüjiniň hünär derejesi hakyndaky şahadatnamanyň nusgasyny tassyklamak hakynda

"Awtoulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak hakynda Düzgünnamany tassyklamak barada" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda çykaran 2434-nji karary bilen tassyklanan, Awtoulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak hakynda Düzgünnamanyň otuzynjy we otuz altynjy böleklerini ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Şulary tassyklamaly (goşulýar):

1) Sürüjilere sürüjiniň hünär derejesini bermegiň, ony peseltmegiň we ondan mahrum etmegiň hem-de sürüjileriň aýlyk zähmet haklaryna sürüjiniň hünär derejesi üçin goşmaça hak tölemegiň Tertibini;

2) Sürüjiniň hünär derejesi hakyndaky şahadatnamanyň nusgasyny.

2. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2005-nji ýylyň 2-nji dekabrynda 364 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary we gara ýollar ministriniň 2005-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda çykaran 174 belgili hem-de Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministriniň 2005-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda çykaran 69 belgili buýruklary bilen tassyklanan, Awtomobil ulaglary işgärleriniň zähmetine hak tölemek hakynda Mysaly düzgünnamanyň altynjy bölegini güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli.

3 Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktorynyň orunbasary we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň "Türkmenawtoulaglary" agentliginiň başlygynyň şu ugra gözegçilik edýän degişli orunbasary gözegçilik etmeli.

**Baş direktor** **M.Çakyýew**

*Ylalaşyldy:*

*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri* *M.Serdarow*

*Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministr* *M.Sylapow*

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň
ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar
agentliginiň Baş direktorynyň 2022-nji
ýylyň 28-nji fewralynda çykaran 9-iş
belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

**Sürüjilere sürüjiniň hünär derejesini bermegiň, ony peseltmegiň we ondan mahrum etmegiň hem-de sürüjileriň aýlyk zähmet haklaryna sürüjiniň hünär derejesi üçin goşmaça hak tölemegiň**
**Tertibi**

## I bap. Umumy düzgünler

1. Sürüjilere sürüjiniň hünär derejesini bermegiň, ony peseltmegiň we ondan mahrum etmegiň hem-de sürüjileriň aýlyk zähmet haklaryna sürüjiniň hünär derejesi üçin goşmaça hak tölemegiň Tertibi (mundan beýläk–Tertip) Türkmenistanyň Zähmet kodeksine, "Awtoulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak hakynda Düzgünnamany tassyklamak barada" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda çykaran 2434-nji karary bilen tassyklanan, Awtoulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak hakynda Düzgünnama hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Tertip eýeçiligiň görnüşine garamazdan edaralarda işleýän awtoulag serişdeleriniň sürüjilerine (mundan beýläk–sürüji) iş beriji tarapyndan sürüjiniň hünär derejesini bermek, ony peseltmek we ondan mahrum etmek üçin hünär toparyny (mundan beýläk–Hünär topary) döretmegiň we onuň işini guramagyň hem-de sürüjileriň aýlyk zähmet haklaryna sürüjiniň hünär derejesi üçin goşmaça hak tölemegiň tertibi düzgünleşdirýär. Şu Tertipde "Ýol hereketiniň howpsuzlygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda hem-de "Awtoulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak hakynda Düzgünnamany tassyklamak barada" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda çykaran 2434-nji karary bilen tassyklanan, Awtoulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak hakynda Düzgünnamada kesgitlenen esasy düşünjeler we adalgalar ulanylýar.

3. Sürüjiniň hünär derejeleri üçünji, ikinji we birinji derejelerden ybarat bolup, birinji dereje onuň iň ýokary derejesidir. Sürüjiniň hünär derejesi (mundan beýläk – hünär derejesi) berlende üçünji derejesinden başlanyp, hünär derejelerini bermegiň yzygiderlilik ýörelgesi berjaý edilýär.

4. Iş berijiler tarapyndan hünär derejelerini bermegiň yzygiderliligine laýyklykda berilmegi meýilleşdirilýän hünär derejesine dalaş edýän sürüjiler okuwy iş berijileriň başlangyjy bilen, iş berijiniň öz serişdeleriniň hasabyna ulag serişdeleriniň sürüjileriniň hünärini ýokarlandyrmak boýunça işi amala aşyrmaga degişli okuw-maddy binýady, gözükdiriji-mugallym we beýleki işgärleri bolan, degişli hünär derejesi boýunça bir nusgaly okuw maksatnamasy doly möçberde özleşdirilýän ygtyýarly awtomobil mekdeplerinde geçmelidir.

## II bap. Hünär derejesiniň berilmegi üçin bildirilýän talaplar we şertler

5. Hünär derejesine dalaş edýän sürüjilere bildirilýän talaplar:

1) sürüjiniň üçünji hünär derejesini almak üçin:

a) «B» topara, «C» topara we/ýa-da «D» topara degişli ulag serişdelerini dolandyrmaga hukugynyň bolmagy;

b) bir ýyldan az bolmadyk wagtyň dowamynda sürüji bolup üznüksiz işlemegi;

ç) iş berijileriň ýollama haty esasynda sürüjiniň üçünji hünär derejesi boýunça bir nusgaly okuw meýilnamasyna we maksatnamasyna laýyklykda awtomobil mekdebinde hünärini kämilleşdirmek boýunça okuwy tamamlandygy baradaky şahadatnamasynyň bolmagy.

2) sürüjiniň ikinji hünär derejesini almak üçin:

a) «B» topara, «C» topara we «D» topara degişli ulag serişdelerini dolandyrmaga hukugynyň bolmagy;

b) üç ýyldan az bolmadyk wagtyň dowamynda sürüjiniň üçünji hünär derejesi bilen sürüji bolup üznüksiz işlemegi;

ç) şu bendiň "b" kiçi bendinde bellenen iş döwründe ýol hereketiniň kadalarynyň ýol-ulag hadysalarynyň ýüze çykmagyna ýa-da ulag serişdelerini dolandyrmaga bolan hukugynyň çäklendirilmegine getirýän düzgün bozulmalaryna ýol berilmezligi;

d) önümçilik görkezijileriniň gowy bolmagy;

e) sürüjide üçünji hünär derejesi bolup, iş berijiniň ýollama haty esasynda sürüjiniň ikinji hünär derejesi boýunça bir nusgaly okuw meýilnamasyna we maksatnamasyna laýyklykda awtomobil mekdebinde degişli hünärini kämilleşdirmek boýunça okuwy tamamlandygy baradaky şahadatnamasynyň bolmagy;

3) sürüjiniň birinji hünär derejesini almak üçin:

a) «B» topara, «C» topara, «D» topara we «E» topara degişli ulag serişdelerini dolandyrmaga hukugynyň bolmagy;

b) üç ýyldan az bolmadyk wagtyň dowamynda sürüjiniň ikinji hünär derejesi bilen sürüji bolup üznüksiz işlemegi;

ç) şu bendiň "b" kiçi bendinde bellenen iş döwründe ýol hereketiniň kadalarynyň ýol-ulag hadysalarynyň ýüze çykmagyna ýa-da ulag serişdelerini dolandyrmaga bolan hukugynyň çäklendirilmegine getirýän düzgün bozulmalaryna ýol berilmezligi;

d) ulag serişdesini gurat ýagdaýda saklamagy;

e) oňat önümçilik görkezijileriň gowy bolmagy;

ä) sürüjide ikinji hünär derejesi bolup, iş berijileriň ýollama haty esasynda sürüjiniň birinji hünär derejesi boýunça bir nusgaly okuw meýilnamasyna we maksatnamasyna laýyklykda awtomobil mekdebinde degişli hünärini kämilleşdirmek boýunça okuwy tamamlandygy baradaky şahadatnamasynyň bolmagy.

Hünär derejesine dalaş edýän sürüji babatynda berlen arza (hödürnamada) we olara goşulýan hünär häsiýetnamasynda şu bölekde görkezilen maglumatlary tassyklaýan resminamalaryň asyl ýa-da "Administratiw önümçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 25-nji maddasynda bellenilen tertipde şaýatlyk edilen nusgalary goşulýar.

## III bap. Hünär toparynyň düzümi, wezipeleri, ygtyýarlyklary we işiniň guralyşy

6. Hünär derejesini bermek, ony peseltmek we ondan mahrum etmek üçin Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda düzüminde ulag işini ýerine ýetirýän düzüm birligi bolan ýa-da bellenen tertipde tassyklanan Wezipe sanawynda sürüji wezipesi göz öňünde tutulan edarada ýolbaşçynyň buýrugy bilen hemişelik hereket edýän Hünär topary döredilýär. Hünär toparynyň başlygy bellenilip, onuň agzalary bäşden az bolmadyk düzümde tassyklanylýar. Hünär toparynyň düzümine tehniki-önümçilik, zähmeti goramak, işgärlere gözegçilik edýän düzüm birliklerinden, inžener-tehniki işgärler, degişli sehleriň, garažlaryň ýolbaşçylary we tejribeli (ýokary hünär derejeli) sürüjiler girizilmelidir.

Hünär toparynyň düzümi tassyklananda, iş berijiler tarapyndan Hünär toparynyň agzalarynyň aglaba böleginiň azyndan «B» topara, «C» topara degişli ulag serişdelerini dolandyrmaga hukuk berýän sürüjilik şahadatnamalarynyň ýa-da bu toparlara degişli ulag serişdelerini dolandyrmak boýunça umumy düşünjeleriniň bardygy göz öňünde tutulmalydyr.

Zerurlyk ýüze çykan mahalynda iş beriji tarapyndan Hünär toparynyň işine özüniň garamagyndaky beýleki edara-kärhanalaryň hünärmenleri, şeýle hem onuň garamagyna degişli bolmadyk edaralardan hünärmenler (bilermenler) bellenen tertipde çekilip bilner.

7. Şu Tertibiň altynjy böleginde bellenen talaby doly berjaý etmäge mümkinçiligi bolmadyk iş berijileriň sürüjilerine hünär derejesini bermek, ony peseltmek we ondan mahrum etmek, olaryň özünden ýokarda durýan edaralarynda hemişelik hereket edýän Hünär topary tarapyndan amala aşyrylyp bilner.

8. Hünär topary tarapyndan sürüjilere hünär derejesini bermekde, ony peseltmekde we ondan mahrum etmekde köpçülikleýin çözgütden ugur almaklyk, aýanlyk, açyklyk, deňlik, işgärleriň hukuklarynyň kemsidilmegine ýol bermezlik ýörelgelerinden ugur alynmalydyr.

9. Hünär toparynyň esasy wezipeleri:

1) hünär synagynyň netijesi boýunça sürüjilere hünär derejesini bermek, ony peseltmek we ondan mahrum etmek;

2) sürüjileriň sürüjilik hünärini, onuň sürüjilik başarnyklaryny yzygiderli kämilleşdirmäge, olarda yhlasly zähmet çekmäge höwes döretmek;

3) sürüjiniň wezipe borçlaryna laýyklykda işini hil taýdan gowy we doly berjaý edýändigine göz ýetirmek;

4) eýeçiligiň görnüşine garamazdan, sürüjiniň işleýän ýa-da öňki işlän edarasy tarapyndan berlen we hukuk güýjüni saklap gelýän sürüjilik hünär derejelerini tassyklaýan resminamalar esasynda Sürüjiniň hünär derejesi hakynda degişli nusgadaky Şahadatnamany bermek barada çözgüt çykarmak.

10. Hünär toparynyň işini guramak we oňa umumy ýolbaşçylyk etmek onuň başlygy tarapyndan amala aşyrylýar. Hünär toparynyň başlygy:

1) Hünär toparynyň işine we geçirilýän mejlise başlyklyk edýär we ony alyp barýar;

2) Hünär toparynyň mejlisini we hünär synagyny geçirmegiň gününi, wagtyny we ýerini kesgitleýär;

3) Hünär toparynyň mejlisiniň teswirnamalaryna we beýleki resminamalaryna gol çekýär;

4) Hünär toparynyň kätibine we agzalaryna Hünär toparynyň işi bilen baglanyşykly tabşyryklary berýär;

5) Zerur maglumatlary Hünär toparynyň garamagyna hödürlenen resminamalar bilen baglanyşykly degişli edaralardan bellenen tertipde sorap alýar;

6) iş berijiden zerur resminamalary, düşündirişleri we goşmaça maglumatlary sorap alýar;

7) Hünär toparynyň çözgütleriniň ýerine ýetirilmegini guraýar;

11. Hünär toparynyň agzasy:

1) Hünär toparyna berlen resminamalar bilen tanyşýar;

2) Hünär toparynyň mejlisine gatnaşýar;

3) Hünär toparynyň çözgütleriniň kabul edilmegine ses bermek arkaly gatnaşýar;

4) Hünär toparynyň mejlisiniň teswirnamasynda aýratyn pikirini beýan edip bilýär;

5) Hünär toparynyň agzalarynyň garamagyna degişli bolan resminamalara gol çekýär.

12. Iş berijiniň işgärlere gözegçilik edýän düzüm birliginiň (şeýle düzüm birliginiň ýok ýerinde şol wezipäni ýerine ýetirýän işgär) işgäri Hünär toparynyň kätibi bolup durýar. Hünär toparynyň kätibiniň ses bermek hukugy ýokdur.

13. Hünär toparynyň kätibi:

1) Hünär toparyna berlen arzada (hödürnamada) we onuň goşundysyndaky hünär häsiýetnamasynda hem-de olaryň ýanyna goşulýan resminamalarda bar bolan maglumatlaryň dolulygyny we dogrulygyny, zerur bolan halatlarda nusgalary resminamalaryň asyl nusgalary bilen deňeşdirip barlaýar;

2) hünär synagynyň geçiriljek güni we wagty barada azyndan üç iş güni öňünden dil üsti bilen Hünär toparynyň agzalaryna we onuň mejlisine goşmaça çagyrylan beýleki hünärmenlere habar berýär;

3) Hünär toparynyň mejlisiniň geçirilmegi bilen bagly beýleki guramaçylyk işlerini ýerine ýetirýär;

4) hünär synagy üçin resminamalary we Hünär toparynyň mejlisiniň gün tertibiniň meseleleri boýunça resminamalary taýýarlaýar;

5) Hünär toparynyň mejlisiniň teswirnamasyny ýöredýär;

6) hünär derejesine dalaş edýän sürüjilere Hünär toparynyň çykaran çözgüdi barada resmi habar berýär;

7) Hünär toparynyň çözgütlerine we teswirnamalaryna kätip hökmünde gol çekýär, degişli resminamalary resmileşdirýär;

8) Hünär toparynyň mejlisiniň teswirnamalarynyň, berlen şikaýatlaryň hasabatyny we arhiwini ýöredýär;

9) Hünär toparynyň mejlisiniň teswirnamasyny Iş berijiniň işgärlere gözegçilik edýän düzüm birligine iberýär;

10) hünär synagyna gatnaşýan hünär derejesine dalaş edýän sürüjileriň sanawyny ýöredýär;

11) Hünär toparynyň başlygynyň we agzalarynyň beýleki tabşyryklaryny ýerine ýetirýär.

14. Hünär toparynyň kätibi bolmadyk halatynda, onuň wezipeleri Hünär toparynyň başga agzasyna ýa-da Iş berijiniň başga bir hünärmenine ýüklenip bilner.

15. Hünär topary öz işini mejlisde söhbetdeşlik geçmek, diňlemek, özara maslahatlaşmak we ses bermek arkaly çözgüt kabul etmek görnüşde amala aşyrýar. Hünär toparynyň mejlisi zerurlyga görä geçirilýär. Hünär toparynyň mejlisi onuň agzalarynyň umumy sanyndan üçden iki bölegi gatnaşanda ygtyýarlydyr. Hünär toparynyň agzalarynyň her biri bir ses berip bilýär.

16. Hünär toparynyň çözgüdi topar agzalarynyň sesleriniň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Sesleriň deň bolan halatynda, Hünär toparynyň başlygynyň sesi kesgitleýji bolup durýar. Ses bermeklik synag geçýäniň ýok mahaly geçirilýär.

Ses berlende hünär derejesine dalaş edýäniň işlän wagty, hünär tejribesi, häsiýetnamasy ýa-da hödürnamasy, sürüjilik ukyby, şeýle hem ozalky alan hünär derejesi nazara alynýar.

Hünär toparynyň agzalary gaýybana ses berip ýa-da başgalaryň ygtyýarlylygy arkaly çözgüt çykaryp bilmeýärler.

17. Hünär topary tarapyndan kabul edilen çözgütler teswirnama bilen resmileşdirilýär. Hünär toparynyň mejlisiniň teswirnamasyna onuň hemme agzalary tarapyndan gol çekilýär.

18. Hünär toparynyň mejlisi şu halatlarda geçirilmeýär:

1) hünär derejesine dalaş edýän mejlise gatnaşmasa;

2) sürüji hünär synagyny geçmekden ýüz döndürse.

19. Hünär toparynyň çözgüdi bilen ylalaşmadyk sürüjiler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şikaýat edip biler.

20. Hünär topary tarapyndan hünär derejesine dalaş edýän sürüjilere şu aşakdaky meseleler boýunça soraglar berlip bilner:

1) sürüjiniň üçünji hünär derejesini almak üçin, ýeňil we ýük awtoulag serişdeleriniň biriniň ýa-da olaryň ikisiniň hem ähli görnüşlerini, kysymlaryny ýa-da awtobuslary özbaşdak dolandyrmagy, tirkeglere almagy, awtoulaglary ýangyç-çalgy ýaglar, sowadyjy suwuklyklar bilen üpjün etmek, ýola çykmazdan öň ulagyň tehniki ýagdaýyna gözegçilik etmek we ony talabalaýyk kabul edip almak, ýükleri ýüklemek, düşürmek üçin ulagy zerur ýerlerde dolandyrmak, kabul edilen ýüküň goralyşyny üpjün etmek, işden soň ulagy tabşyryp, niýetlenen ýerde eltip goýmak, iş wagtynda ýüze çykýan ýüzleý näsazlyklary olaryň mehanizmlerini sökmezden aradan aýyrmak, ýol resminamalaryny dogry resmileşdirmek, akkumulýatorlaryň, tigirleriniň ulanyş düzgünleri, ýadawlyga täsir edýän howa şertleri, alkogolly içgileriň awtoulagy dolandyrmaga edýän ters täsirleri, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almagyň usullary, ulagyň işleýşinde ýüze çykýan näsazlyklaryň alamatlary, sebäplerini we eltip biljek howply netijeleri, olary ýüze çykarmagyň we aradan aýyrmagyň usullary, ulaglaryň sürüjä bagly bolan tehniki işleýiş usullary barada;

2) sürüjiniň ikinji hünär derejesini almak üçin ýeňil, ýük awtoulag serişdeleriniň we awtobuslaryň ähli görnüşlerini we kysymlaryny dolandyrmagy, tirkeglere almagy, ýolagçylary mündürmek, düşürmek üçin ulagy degişli ýerlere eltmegi, ýolagçylary mündürmek we düşürmek düzgünlerine gözegçilik etmegi, ýolagçylara nagt we

walidator enjamlarynda hyzmat etmegiň düzgünlerini, ýolagçylara sesli ulgamyň üsti bilen duralgalar barada maglumat bermegiň, elektron maglumat göteriji tablolary, tablo ýazgylaryny dolandyrmagyň usullaryny, tölegleri kabul etmegiň we petekleri bermegiň usullaryny, olaryň hasabatyny ýöretmegiň tertibini, iş wagtynda ýüze çykýan näsazlyklary olaryň mehanizmlerini sökmek arkaly aradan aýyrmagy, meýdan şertlerinde we tehniki kömek gullugynyň ýok ýerlerinde sazlaýyş işlerini ýerine ýetirmegi, hereket howpsuzlygyna täsir edýän ýol alamatlary, awtoulaglary, awtootlulary kyn ýol-ulag we howa şertlerinde dolandyrmagyň usullaryny, halkara we şäherara gatnawlaryny guramagyň aýratynlyklaryny, esasy ulanyş materiallaryň möçberlerini tygşytlamagyň kadalaryny, ýolagçylary mündürmek, düşürmek üçin ulagyň degişli ýerlere eltilmegi, üçünji derejeli awtoulag abatlaýjy ussasynyň iş ýüküni ýerine ýetirip bilmegi, ýol-ulag hadysalarynda heläk bolanlary hadysanyň bolan ýerinden başga ýere äkitmegiň tertibi barada;

3) sürüjiniň birinji hünär derejesini almak üçin ýeňil, ýük awtoulag serişdeleriniň, awtobuslaryň we degişlilikde olaryň tirkegleriniň ähli görnüşlerini we kysymlaryny dolandyrmagy, şeýle hem iş tejribesine hem-de wezipe borçlaryna laýyklykda ýük göterijiligi, ýolagçylaryň umumy ýerleşiş sygymynyň kadalary boýunça ähli görnüşdäki tirkegleri tirkege almagy, iş wagtynda ýüze çykýan näsazlyklary olaryň mehanizmlerini sökmek arkaly aradan aýyrmagy, meýdan şertlerinde we tehniki kömek gullugynyň ýok ýerlerinde sazlaýyş işlerini ýerine ýetirmegi täze göýberilýän awtoulaglaryň, awtootlularyň niýetlenilişi, gurluşyny, tehniki ulanyş düzgünlerini, ýük daşalanda awtoulagyň aýratyn ulanyş görkezijileri esasynda özüne düşýän bahasyna edýän täsirini, ulag serişdelerini ýokary görkezijilikli we ykdysady taýdan talabalaýyk ulanmagyň usullaryny, dördünji derejeli awtoulag abatlaýjy ussasynyň iş ýüküni ýerine ýetirip bilmegi, ulag hereketiniň nazaryýetini, ýol hereketiniň howpsuzlygy hakynda esasy we şonuň bilen bagly hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, awtoulag serişdeleriniň sürüjilerine bildirilýän talaplary.

## IV bap. Hünär derejesini bermek, ony peseltmek we ondan mahrum etmek

21. Hünär derejesine dalaş edýänleriň hünärlerini kämilleşdirmek boýunça okuwlary tamamlandygy baradaky şahadatnamalaryna we hünär häsiýetnamalaryna laýyklykda sürüjileriň Hünär toparynyň başlygynyň adyna ýazan arzalary esasynda (şu Tertibe goşundy), sürüjilere sürüjilik hünär derejelerini bermeklik Hünär toparynyň mejlisinde olar bilen söhbetdeşlik geçirmek arkaly amala aşyrylýar.

Sürüjä ikinji ýa-da birinji hünär derejesiniň berilmegi öňki hünär derejesi berlen gününden 3 (üç) ýyl geçenden soň amala aşyrylyp bilner.

22. Şu Tertibiň bäşinji böleginde görkezilen talaplary bilkastlaýyn ýerine ýetirmedik, iş tejribesini, ussatlygyny gowşadanlygy sebäpli, birinji hünär derejesi bolan sürüjileri ikinji hünär derejesine peseltmeklik, ikinji hünär derejesi bolan sürüjileri üçünji hünär derejesine, üçünji hünär derejesi bolan sürüjileri ondan mahrum etmeklik, iş berijileriň Hünär toparynyň başlygynyň adyna ýazan hödürnamasyna laýyklykda Hünär toparynyň mejlisinde sürüjileri diňläp, hödürnamadaky hukuk esaslary we güwäleriň seljerilmegi arkaly amala aşyrylýar.

Eger sürüji hünär derejesine bildirilýän talaplary we şertleri, içerki düzgün-tertip kadalary, kanunlary gödek ýa-da yzygiderli bozan bolsa, sürüji ikinji ýa-da birinji hünär derejesinden bellenen tertipde mahrum edilip bilner.

23. Iş berijiler tarapyndan sürüjileriň hünär derejesini peseltmek ýa-da ondan mahrum etmek barada Hünär toparyna berilýän hödürnamasynyň ýanyna sürüjileriň gös-göni ýolbaşçysynyň, gurluş düzüm birliginiň haýyşnamasy ýa-da kärdeşler arkalaşygy guramasynyň ýa-da zähmetkeşler toparynyň teklipnamasy goşulyp bilner.

24. Eger sürüjä hünär derejesi öňki işlän ýa-da şu wagt işleýän edarasy tarapyndan hünär derejesiniň berlen döwründe hereket eden kanunçylyga laýyklykda, ýagny, şu Tertip herekete girizilmeginden öň berlen hem-de häzirki wagta çenli öz hukuk güýjüni saklap gelýän bolsa, sürüjiniň Hünär toparyna degişli hünär derejesini tassyklaýan resminamanyň goşulmagy bilen ýüzlenen arzasy esasynda, Hünär topary tarapyndan Sürüjiniň hünär derejesi hakynda degişli nusgadaky Şahadatnamany bermek meselesine seredilýär.

25. Arzalar we hödürnamalar Hünär toparynyň kätibi tarapyndan kabul edilýär.

26. Hünär topary tarapyndan şu halatlarda hünär derejesi berilmeýär:

1) aýrylmadyk zähmet düzgün-nyzam temmisiniň bolmagy;

2) şu Tertibiň bäşinji böleginde görkezilen talaplara laýyk gelmezligi;

3) Hünär topary tarapyndan sürüjiniň hünär derejesiniň berilmegi meselesine seredilýän döwürde sürüjiniň başga ýere işe geçmegi.

27. Şu Tertibiň ýigriminji böleginde göz öňünde tutulan sürüjilere sürüjiniň hünär derejeleriniň berilmegi üçin Hünär toparyna berlen arzalaryň ýanyna şu görkezilen resminamalar goşulýar:

1) sürüjiniň hünärini kämilleşdirmek boýunça okuwlary tamamlandygy baradaky şahadatnamanyň nusgasy;

2) hünär häsiýetnamasy (şu Tertibiň bäşinji bölegine laýyklykda resmileşdirilen).

28. Sürüjileriň hünär derejesini peseltmek ýa-da ondan mahrum etmek barada Hünär toparyna berlen hödürnamalara şu aşakdaky resminamalar goşulýar:

1) sürüji tarapyndan zähmet şertnamasy ýa-da iş berijiniň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary bilen onuň üstüne ýüklenen zähmet borçlaryny esasly sebäpler bolmazdan bozmagy we/ýa-da yzygiderli ýerine ýetirilmedik mahalynda düzgün-nyzam temmi çäreleri ulanylan bolsa, olaryň nusgalary;

2) ulag serişdesine tehniki hyzmat etmegiň düzgünlerini, hereket we tehniki howpsuzlyk, zähmeti goramagyň talaplaryny bozandygy we ýol hereketiniň kadalaryny, sürüjiniň tehniki howpsuzlyk we önümçilik sanitariýa boýunça kadalaryny bozandygy baradaky resminamalaryň nusgalary;

3) sürüjiniň geleňsizligi bilen ýol hereketiniň kadalarynyň gödek bozulmagy netijesinde ýol-ulag hadysalarynyň ýüze çykmagyna, sürüjiniň günäsi bilen ýol-ulag hadysalarynyň ýüze çykmagy netijesinde ulag serişdesine ýetirilen zyýany düzetmekden ýüz öwürende ýa-da wezipe borjuny ýerine ýetiren wagty sürüjiniň awtoulag serişdelerini dolandyrmaga bolan hukugynyň çäklendirilmegine getiren ýagdaý baradaky güwä geçýän resminamalaryň ýa-da olaryň nusgalary;

4) wezipe borjuny ýerine ýetiren ýa-da iş wagtyndan başga wagty alkogolly, neşe ýa-da seri dumanladyjy beýleki maddalary ulanmagyň netijesinde dörän serhoşlyk

ýagdaýda özbaşdak gulluk ulag serişdelerini dolandyrandygy baradaky resminamalaryň nusgalary;

5) gönüden-göni wezipe borjuny ýerine ýetirmek bilen bagly kanun bozulmalara ýol berendigi baradaky resminamalaryň nusgalary.

29. Hünär topary tarapyndan sürüji babatda hödürlenen resminamalaryň we maglumatlaryň dolulygy hem-de dogrulygy resminamalaryň hödürlenen gününden başlap bäş iş gününiň dowamynda seljerilýär.

30. Hödürlenýän resminamalar toplumy bellenen tertipde resmileşdirilmedik ýa-da resminamalaryň doly bolmadyk ýa-da ýalňyşlyklar ýüze çykarylan ýagdaýynda, olar iki iş gününiň dowamynda yzyna gaýtarylýar.

31. Hünär toparynyň mejlisi arzalaryň we hödürnamalaryň gelip gowşan gününden on bäş senenama gününden gijä galdyrylman geçirilýär.

32. Hünär topary arzalaryň we hödürnamalaryň gelip gowşan gününden on bäş senenama gününden gijä galdyrman sürüjilere, olara gönüden-göni ýolbaşçylyk edýän wezipeli adamlara mejlisiň geçiriljek güni, wagty we ýeri barada habar berýär.

33. Hünär synagyny geçirmegiň senesi şu sebäpler boýunça başga güne geçirilip bilner:

1) saglygy goraýyş edarasynyň resminamasy bilen tassyklanylan ýarawsyzlyk netijesinde sürüjiniň gatnaşyp bilmedik ýagdaýynda;

2) sürüji tarapyndan hünär synagynyň başga güne geçirilmegi haýyş edilip, synagyň geçirilmeginden öň resmi taýdan habar edilen ýagdaýynda;

34. Hünär synagyndan geçmäge hünär derejesine dalaş edýän sürüjiler hünär toparynyň mejlisine esasly sebäpler bolmazdan gatnaşmadyk ýa-da onuň sebäbini tassyklaýan resminamalary berip bilmedik halatynda, synagdan geçmedik diýlip hasaplanylýar hem-de bu barada Hünär topary tarapyndan çözgüt kabul edilýär.

Sürüjiniň hünär derejesini peseltmek ýa-da mahrum etmek üçin çagyrylan sürüjiniň esassyz sebäplere görä Hünär toparynyň mejlisine gelmezligi, Hünär toparynyň mejlisiniň geçiriljek gününe çenli işden çykmak barada ýazan arzasynyň tabşyrylmagy, arza Türkmenistanyň zähmet babatynda kanunçylygy esasynda iş beriji tarapyndan kanagatlandyrylmadyk bolsa, Hünär topary tarapyndan gelip gowşan hödürnama seredilmezligine esas bolup bilmez.

35. Hünär synagy geçirilenden soň ýedi iş gününden giç bolmadyk möhletde Hünär toparynyň teswirnamasy kätip tarapyndan işgärlere gözegçilik edýän düzüm birligine iberilýär.

36. Hünär topary tarapyndan çözgüt kabul edilenden soň on bäş senenama gününden dowamynda Hünär toparynyň teswirnamasy esasynda iş berijiler tarapyndan sürüjä degişli hünär derejesiniň berlendigi, peseldilendigi ýa-da mahrum edilendigi barada buýruk çykarylýar.

37. Sürüjä sürüjiniň hünär derejesiniň üçünji derejesiniň berlendigi barada buýruga laýyklykda, olaryň işleýän edaralarynyň ýolbaşçylarynyň goly we möhri bilen tassyklanýan Sürüjiniň hünär derejesi hakynda degişli nusgadaky Şahadatnama bellenen tertipde (Sürüjiniň hünär derejesi hakynda şahadatnamanyň doldurylyşy, saklanylyşy we öwezliginiň berilişi barada Gözükdirijä laýyklykda) resmileşdirilip berilýär.

Sürüjilere sürüjiniň hünär derejesiniň ikinji we birinji derejeleriniň berlendigi hakynda buýruk çykarylanda, olaryň Şahadatnamalaryna degişli bellikler edilip, olaryň işleýän edaralarynyň ýolbaşçylarynyň goly we möhri bilen tassyklanýar.

38. Şahadatnama ulag serişdelerini dolandyrmaga hukuk bermeýär, ol iş berijilere tabşyrylan wagtyndan başlap, sürüjiniň hünär derejesi üçin onuň aýlyk zähmet hakyna goşmaça hak tölenilmegine hukuk berýär.

39. Hünär derejesiniň peseldilmegi ýa-da mahrum edilmegi barada iş berijileriň kabul eden buýrugynyň çykan gününden başlap, azyndan bir ýyl geçenden soň umumy esasda sürüjä sürüjiniň degişli hünär derejesi dileldilip, berlip bilner.

## V bap. Sürüjileriň aýlyk zähmet haklaryna sürüjiniň hünär derejesi üçin goşmaça hak tölemek

40. Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, sürüjiniň işleýän edarasynda sürüjiniň aýlyk zähmet hakyna onuň Şahadatnamasynyň (onuň şol edara ýa-da sürüjiniň öňki işlän edaralary tarapyndan berlendigine garamazdan) esasynda şu möçberlerde goşmaça hak tölenilýär:

1) sürüjiniň hünär derejesiniň ikinji derejesi üçin - aýlyk zähmet hakynyň 10 göterimi möçberde;

2) sürüjiniň hünär derejesiniň birinji derejesi üçin - aýlyk zähmet hakynyň 25 göterimi möçberde.

Iş beriji tarapyndan-öň işlän ýerinde sürüjä gowşurylan Şahadatnama sürüjileriň öz başlangyjy bilen iş berijä tabşyrylmalydyr. Tabşyrylan we iş berijide saklanan Şahadatnama-sürüjiniň aýlyk zähmet hakyna şu Tertibiň kyrkynjy böleginde bellenen möçberde goşmaça hak tölemek üçin esas bolup durýär.

41. Iş berijä sürüjiler tarapyndan Şahadatnamanyň tabşyrylmadyk ýagdaýynda, olaryň aýlyk zähmet hakyna sürüjiniň hünär derejesi üçin goşmaça hak tölegleri tölenilmeýär.

42. Sürüjiniň günäsi bolmazdan boş durlan wagty, eger sürüji işsiz durulýan wagtyň başlanýandygy hakynda iş berijini (brigadiri, inženeri, mehanigi, ussany, beýleki wezipeli adamlary) duýduran bolsa, sürüjä aýlyk zähmet hakynyň, tarif möçberiniň üçden iki böleginden pes bolmadyk hasapdan hak tölenilýän wagty sürüjiniň hünär derejesi üçin goşmaça hak tölenilýär.

43. Iş berijiler tarapyndan sürüjiler işden aýrylmak şerti we ortaça zähmet hakynyň saklanyp galmagy bilen hünärini ýokarlandyrmaga iberilende hem sürüjilere sürüjiniň hünär derejesi üçin goşmaça hak tölenilýär.

44. Sürüjilere dereje üçin goşmaça hak bellenen möçberlerde, tarif boýunça ähli iş haky, şol sanda wagtyndan artyk işlenilen sagatlar üçin hem tölenilýär.

Sürüjiler doly bir aý işlemedik ýagdaýynda ýa-da bir aýdan az wagt işläp işden çykan bolsa, şol aýda işlän wagtlaryna barabarlykda hasaplanan aýlyk zähmet haky (tarif möçberleri) boýunça sürüjiniň hünär derejesi üçin sürüjilere goşmaça hak tölenilýär.

45. Täze önümçilik (önüm) özleşdirilýän döwründe iş beriji işgärlere alty aýdan köp bolmadyk möhletde öňki ortaça aýlyk zähmet hakyna çenli hak tölän wagtyndan başga, ortaça iş haky tölenen döwür (zähmet rugsady, ýarawsyzlyk günleri,

jemgyýetçilik borçlarynyň ýerine ýetirilen döwri we ş.m.) üçin, şeýle hem sürüji awtoulaga erk etmek hukugyndan wagtlaýyn mahrum edilende ýa-da başga bir sebäplere görä sürüjiniň günäsi boýunça boş durlan wagty, olara sürüjiniň hünär derejesi üçin goşmaça hak tölenilmeýär.

46. Sürüjileriň aýlyk zähmet haklaryna sürüjiniň hünär derejesi üçin goşmaça hak tölegleri goşmak bilen tölenýän zähmet haky höweslendirmäniň görnüşlerine degişli däldir.

47. Iş berijileriň wezipe sanawlary düzülende sürüjileriň kanunçylykda bellenen aýlyk zähmet hakyna (tarif möçberlerine) sürüjiniň hünär derejesi üçin goşmaça hak tölegleri görkezilýär.

48. Iş beriji işgäriň, şol sanda öňki sürüji işgäriň haýyşy boýunça hünär derejesini ýa-da iş wagtyny we zähmet hakynyň möçberini görkezmek bilen bäş gün möhletden gijä galman kepilnama bermäge, şeýle hem sürüjiniň hünär derejesi hakyndaky beýleki resminamalary ýa-da olaryň göwnejaý ýagdaýda tassyklanan nusgalaryny bermäge borçludyr.

Awtoulag serişdeleriniň sürüjilerine sürüjiniň hünär derejesini bermegiň, ony peseltmegiň we ondan mahrum etmegiň hem-de sürüjileriň aýlyk zähmet haklaryna sürüjiniň hünär derejesi üçin goşmaça hak tölemegiň Tertibine goşundy

______________________________________________
(Işleýän ýeriniň doly ady we Hünär toparynyň başlygynyň F.A.Aa.)

______________________________________________
(sürüjiniň familiýasy, ady, atasynyň ady we iş ornunyň doly atlandyrylyşy)

_________________________tarapyndan

**Arza**

Maňa, awtomobil mekdebinde degişli hünärlerini kämilleşdirmek boýunça okuwlary tamamlandygy baradaky şahadatnamama we hünär häsiýetnamama laýyklykda, sürüjiniň_______________ hünär derejesini bermek üçin Hünär toparynyň
(üçünji / ikinji / birinji )
nobatdaky synagyndan geçirmegiňizi Sizden haýyş edýärin.

Goşulýar:

1) awtomobil mekdebinde degişli hünärlerini kämilleşdirmek boýunça okuwlary tamamlandygy baradaky şahadatnamanyň nusgasy;
2) zähmet depderçesiniň göçürmesi;
3) sürüjilik şahadatnamasynyň göçürmesi;
4) hünär häsiýetnamasy.
5) gurluş düzüm birliginiň ýa-da bölüminiň, kärdeşler arkalaşygy guramasynyň teklipnamasy ýa-da zähmetkeşler toparynyň, şeýle hem sürüjiniň gös-göni ýolbaşçysynyň hünär derejesini bermek baradaky haýyşnamasy.

"____" __________ 20___ý. _____________________________________________
(sürüjiniň ady, familiýasy, goly)

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktorynyň 2022-nji ýylyň *28*-nji(njy) ___*fewralynda*___ çykaran *9-iş* -nji(njy) buýrugy bilen tassyklandy

**Sürüjiniň hünär derejesi hakyndaky şahadatnamasynyň**

**Nusgasy**

**ŞAHADATNAMA**

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**

**“ÝOLLARYŇ ÝAGŞYSY – HALKYŇ ÝOLUDYR,**
**HALKYŇ ÝOLY – HAKYŇ ÝOLUDYR!”**

**TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ ÝANYNDAKY ULAG WE KOMMUNIKASIÝALAR AGENTLIGI**

# ŞAHADATNAMA

**№ _______**

Familiýasy_____________________________________________
Ady___________________________________________________
Atasynyň ady__________________________________________
Doglan senesi__________________________________________
(güni, aýy, ýyly)

hakykatdan hem, ________________________________________
______________________________________________________
______________________________________________________
(hünär derejesini beren edaranyň ady)

hünär toparynyň 20___-nj_ ýylyň «___» __________ ___ belgili teswirnamasy esasynda, 20___-nj_ ýylyň «___» ___________ №____buýrugy bilen sürüjiniň_____________________________ hünär derejesi berildi.
(degişli dereje görkezilmeli)

Şahadatnamanyň resmileşdirilen senesi_____________________
(güni, aýy, ýyly)

Hünär toparynyň
Başlygy __________
(goly)

M.Ý.

Edaranyň ýolbaşçysy __________
(goly)

Bu şahadatnama ulag serişdelerini dolandyrmaga hukuk bermeýär, ol iş berijilere tabşyrylan wagtyndan başlap, sürüjiniň hünär derejesi üçin sürüjiniň aýlyk zähmet hakyna goşmaça hak tölenilmegine hukuk berýär.

№ ________

## SÜRÜJINIŇ HÜNÄR DEREJESI HAKYNDAKY MAGLUMATLAR

1. ____________________________________________________________

____________________________________________________________

(hünär derejesini ýokarlandyran ýa-da peselden edaranyň doly ady)

Hünär toparynyň 20___-nj_ ýylyň «___» __________ ___ belgili teswirnamasy esasynda, 20___-nj_ ýylyň «___» __________çykaran ___ belgili buýrugy bilen sürüjiniň______________________hünär

(ýokarlandyrylan ýa-da peseldilen dereje görkezilmeli)

derejesi (-ne) __________________.

(berildi ýa-da peseldildi)

Edaranyň ýolbaşçysy

**M.Ý.** _______ ______________________________________

(goly) (wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady)

2. ____________________________________________________________

____________________________________________________________

(hünär derejesini ýokarlandyran ýa-da peselden edaranyň doly ady)

Hünär toparynyň 20___-nj_ ýylyň «___» __________ ___ belgili teswirnamasy esasynda, 20___-nj_ ýylyň «___» __________çykaran ___ belgili buýrugy bilen sürüjiniň______________________hünär

(ýokarlandyrylan ýa-da peseldilen dereje görkezilmeli)

derejesi (-ne) __________________.

(berildi ýa-da peseldildi)

Edaranyň ýolbaşçysy

**M.Ý.** _______ ______________________________________

(goly) (wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady)



№ ________

## SÜRÜJINIŇ HÜNÄR DEREJESI HAKYNDAKY MAGLUMATLAR

3. ____________________________________________________________

____________________________________________________________

(hünär derejesini ýokarlandyran ýa-da peselden edaranyň doly ady)

Hünär toparynyň 20___-nj_ ýylyň «___» __________ ___ belgili teswirnamasy esasynda, 20___-nj_ ýylyň «___» __________çykaran ___ belgili buýrugy bilen sürüjiniň______________________hünär

(ýokarlandyrylan ýa-da peseldilen dereje görkezilmeli)

derejesi (-ne) __________________.

(berildi ýa-da peseldildi)

Edaranyň ýolbaşçysy

**M.Ý.** _______ ______________________________________

(goly) (wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady)

4. ____________________________________________________________

____________________________________________________________

(hünär derejesini ýokarlandyran ýa-da peselden edaranyň doly ady)

Hünär toparynyň 20___-nj_ ýylyň «___» __________ ___ belgili teswirnamasy esasynda, 20___-nj_ ýylyň «___» __________çykaran ___ belgili buýrugy bilen sürüjiniň______________________hünär

(ýokarlandyrylan ýa-da peseldilen dereje görkezilmeli)

derejesi (-ne) __________________.

(berildi ýa-da peseldildi)

Edaranyň ýolbaşçysy

**M.Ý.** _______ ______________________________________

(goly) (wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady)

№ ________

## SÜRÜJINIŇ HÜNÄR DEREJESI HAKYNDAKY MAGLUMATLAR

5. ______________________________________________________

______________________________________________________

(hünär derejesini ýokarlandyran ýa-da peselden edaranyň doly ady)

Hünär toparynyň 20___-nj_ ýylyň «___» __________ ___ belgili teswirnamasy esasynda, 20___-nj_ ýylyň «___» __________çykaran ___ belgili buýrugy bilen sürüjiniň________________________hünär

(ýokarlandyrylan ýa-da peseldilen dereje görkezilmeli)

derejesi (-ne) ___________________.

(berildi ýa-da peseldildi)

Edaranyň ýolbaşçysy

M.Ý. _______ ________________________________

(goly) (wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady)

## SÜRÜJINIŇ HÜNÄR DEREJESINDEN MAHRUM EDILENDIGI HAKYNDAKY MAGLUMATLAR

______________________________________________________

______________________________________________________

(hünär derejesinden mahrum eden edaranyň doly ady)

Hünär toparynyň 20___-nj_ ýylyň «___» __________ ___ belgili teswirnamasy esasynda, 20___-nj_ ýylyň «___» __________çykaran ___ belgili buýrugy bilen sürüjiniň________________mahrum edildi.

(mahrum edilen dereje görkezilmeli)

Edaranyň ýolbaşçysy

M.Ý. _______ ________________________________

(goly) (wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady



«Awtoulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak hakynda Düzgünnamany tassyklamak barada» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda çykaran 2434-nji karary bilen tassyklanan, Awtoulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak hakynda Düzgünnamadan

**GÖÇÜRME:**

25. Sürüjiniň hünär derejesi üçünji, ikinji we birinji derejelerden ybaratdyr. Sürüjiniň hünär derejesiniň birinji derejesi onuň iň ýokary derejesidir.

28. Ulag serişdeleriniň sürüjilerine sürüjiniň hünär derejesini olaryň hünärlerini kämilleşdirmek boýunça okuwlary tamamlandygy baradaky şahadatnamalaryna we hünär häsiýetnamalaryna laýyklykda bermek, olaryň işleýän edaralarynda döredilýän hünär toparlarynyň netijenamasy esasynda bu edaralaryň ýolbaşçylary tarapyndan degişli buýrugyň çykarylmagy arkaly amala aşyrylýar. Sürüjiniň hünär derejesi hemişelik berilýär.

29. Ulag serişdeleriniň sürüjilerine sürüjiniň hünär derejesiniň üçünji derejesini bermek baradaky buýruga laýyklykda, olaryň işleýän edaralarynyň ýolbaşçylarynyň goly we möhür bilen tassyklanýan Sürüjiniň hünär derejesi hakynda şahadatnama berilýär. Ulag serişdeleriniň sürüjilerine sürüjiniň hünär derejesiniň ikinji we birinji derejeleri berlende, olaryň Sürüjiniň hünär derejesi hakynda şahadatnamlaryna degişli bellikler edilýär.

31. Eýeçiligiň görnüşine garamazdan, sürüjiniň işleýän edarasynda sürüjiniň aýlyk zähmet hakyna onuň Sürüjiniň hünär derejesi hakynda şahadatnamasynyň (onuň şol edara ýa-da sürüjiniň öňki işlän edaralary tarapyndan berlendigine garamazdan) esasynda şu möçberlerde goşmaça hak tölenilýär:

1) sürüjiniň hünär derejesiniň ikinji derejesi üçin - aýlyk zähmet hakynyň 10 göterimi möçberde;

2) sürüjiniň hünär derejesiniň birinji derejesi üçin - aýlyk zähmet hakynyň 25 göterimi möçberde.

32. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda ulag serişdeleriniň sürüjilerini sürüjiniň hünär derejesiniň birinji, ikinji derejelerinden peseltmek we sürüjiniň hünär derejesinden mahrum etmek olaryň işleýän edaralarynda (sürüjiniň hünär derejesiniň şol edaralar ýa-da sürüjiniň öňki işlän edaralary tarapyndan berlendigine garamazdan) döredilýän hünär toparlarynyň netijenamasy esasynda bu edaralaryň ýolbaşçylary tarapyndan degişli buýrugyň çykarylmagy arkaly amala aşyrylýar.

33. Ulag serişdeleriniň sürüjilerini sürüjiniň hünär derejesinden peseltmek ýa-da sürüjiniň hünär derejesinden mahrum etmek baradaky buýruga laýyklykda, olaryň Sürüjiniň hünär derejesi hakynda şahadatnamalaryna degişli bellikler edilýär.

34. Ulag serişdesiniň sürüjisi sürüjiniň hünär derejesiniň berilmezligi, onuň peseldilmegi ýa-da ondan mahrum edilmegi bilen ylalaşmadyk ýagdaýynda, bu barada Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şikaýat edip biler.

35. Ulag serişdesiniň sürüjisiniň sürüjiniň hünär derejesi peseldilen ýa-da ondan mahrum edilen gününden bir ýyl geçenden soň, degişlilikde sürüjiniň hünär derejesi bellenen tertipde dikeldilip we berlip bilner.

Sürüjiniň hünär derejesi hakyndaky
şahadatnamanyň nusgasyna
*goşundy*

**Sürüjiniň hünär derejesi hakynda şahadatnamanyň doldurylyşy, saklanylyşy we öwezliginiň berilişi barada**
**Gözükdiriji**

1. Şahadatnama sürüjiniň hünär derejesini tassyklaýan esasy resminamadyr. Şahadatnama sürüjä hünär derejeleriniň berilmegi, peseldilmegi we ondan mahrum edilmegi hakyndaky maglumatlar girizilýär.

Şahadatnama ilkinji gezek sürüjilere olaryň işleýän edaralarynda bellenen tertipde döredilýän hünär toparlarynyň netijenamasy esasynda iş berijiler tarapyndan sürüjiniň hünär derejesiniň üçünji derejesiniň berlendigi barada çykaran buýrugyna laýyklykda, bir hepde möhletden gijä galman, sürüjiniň özüniň gatnaşmagynda şu Gözükdirijä laýyklykda resmileşdirilip berilýär. Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, sürüjiniň işleýän ýa-da öňki işlän edarasy tarapyndan berlen we hukuk güýjüni saklap gelýän sürüjilik hünär derejelerini tassyklaýan resminamalar esasynda Sürüjiniň hünär derejesi hakynda degişli nusgadaky Şahadatnamany bermek barada hünär toparlarynyň çözgüdi esasynda hem Şahadatnama resmileşdirilip berlip bilinýär.

2. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň “Türkmenawtoulaglary” agentligi eýeçiliginiň görnüşine garamazdan iş berijileri Sürüjiniň hünär derejesi hakynda şahadatnama bilen tölegli esasda üpjün edýär. Şahadatnamanyň blankasy berk hasabatdaky resminama bolup durýar.

3. Şahadatnamalaryň blanklarynyň hasabyny ýöretmek we saklamak olaryň ýitirilmeginiň ýa-da ogurlanylmagynyň her hili mümkinçiligini aradan aýryp guralmalydyr.

4. Şahadatnamalaryň hasabynyň ýöredilişine, dogry doldurylyşyna we gowşurylyşyna umumy jogapkärçilik iş berijileriň işgärlere gözegçilik edýän wezipeli, maddy jogapkär adamynyň üstüne ýüklenilýär.

5. Şahadatnamalaryň hasaby kitaplarda jogapkär işgär tarapyndan ýöredilýär, aýratyn ýerde ýanmaýan demir şkaflarda saklanylýar we dogry peýdalanylmagy üpjün edilýär. Işlenilmeýän wagty şahadatnamalar saklanýan şkaflar möhürlenýär.

Kitaplaryň sahypalaryna san belgileri goýlan, ýüp bilen çatylan, daňysy möhürlenen hem-de jogapkär işgäriň goly we edaranyň möhri bilen güwä geçilen bolmalydyr.

6. Iş berijiler tarapyndan sürüjä degişli hünär derejesi hakynda buýruk esasynda berlen Şahadatnamanyň baş sahypasy gara syýa bilen, arassa kalligrafik usulda, el bilen, döwlet dilinde doldurylýar.

Şahadatnamalar doldurylanda düzedişlere we hapalanmalara ýol berilmeýär.

7. Sürüjiniň hünär derejesinden mahrum edilen sürüjileriň Şahadatnamalary, şeýle hem zaýalanan Şahadatnamalar delilnama düzülip, hasapdan aýrylmaga degişli

edilýär. Delilnamada agzalan Şahadatnamalaryň tapgyry, sany hem-de hasaba alyş bellik sanlary görkezilýär. Bu delilnamanyň asyl nusgasy iş berijilerde berk hasabatda durýan resminama hökmünde saklanylýar.

8. Doldurylan Şahadatnamalar, sahypalaryna san belgileri goýlan, ýüp bilen çatylan, daňysy möhürlenen Sürüjiniň hünär derejesi hakynda şahadatnamalarynyň gowşurylyşyny hasaba alyş kitabynda (şu Goşundynyň A belgili dowamy) hasaba alynýar we hasaba alyş belgisi her ýyl täzeden başlanylman, yzygiderli dowam etdirilýär.

9. Şahadatnama doldurylanda, onuň birinji (baş) sahypasynda resminamanyň eýesiniň familiýasy, ady, atasynyň ady we doglan senesi pasportda (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamada) ýazylyşy ýaly ýazylýar hem-de doldurylan senesi goýulýar. Şahadatnama berlen sürüjiniň pasportynda görkezilen familiýasy, ady, atasynyň ady üýtgedilen bolsa, onuň Şahadatnamasynda öňki familiýasy, ady, atasynyň ady ýaýyň içine alnyp, täze pasport maglumatlary görkezilýär. Bu maglumatlar Şahadatnamany resmileşdiren edaranyň ýolbaşçysynyň goly we möhri bilen tassyklanýar.

Sürüji özüne berlen Şahadatnamany aýawly saklamaga borçludyr. Ol Şahadatnamasyny ogurladan, ýitiren ýa-da ýanan we şuňa meňzeş beýleki ýagdaýlarda ýiten bolsa, bu barada soňky hünär derejesini beren edarasyna arza bilen ýüz tutup, öz serişdeleriniň hasabyna dikeldip biler. Iş berijiniň günäsi bilen ýitirilen ýa-da ogurlanan we şuňa meňzeş beýleki ýagdaýlarda ýok edilen bolsa, bellenen tertipde iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna dikeldilýär.

Zaýalanan we ulanmaga ýaramsyz (ýanan, ýyrtylan, çyrşalan we beýlekiler) Şahadatnamalar çalşyrylýar.

10. Ogurlanan, ýitirilen ýa-da ýanan we şuňa meňzeş beýleki ýagdaýlarda ýiten Şahadatnamalaryň ýerine resmileşdirilýän Şahadatnamalaryň birinji sahypasynyň ýokarky sag burçunda «*Öwezlik*» diýen ýazgy bilen öwezligi resmileşdirilýär.

Zaýalanan ýa-da ulanmaga ýaramsyz bolan Şahadatnamanyň birinji sahypasynda «*Ýerine öwezlik berildi*» diýen ýazgy ýazylýar we ol iş berijide saklanyp galynýar.

Sürüjileriň Şahadatnamanyň öwezliginiň berilmegi barada ýazan arzalary kyrk bäş senenama gününden gijä galynman iş beriji tarapyndan seredilip, täzeden dikeldilýär.

11. Şahadatnama gowşurylanda sürüjiler şu Gözükdirijiniň talaplary bilen tanyşdyrylýar.

12. Şahadatnamanyň birinji (baş) sahypasyndan başga sahypalarynda, sürüjiniň hünär derejesiniň ýokarlandyrylandygy, peseldilendigi we ondan mahrum edilendigi hakyndaky ýazgylar edaranyň ýolbaşçysynyň goly we möhri bilen tassyklanýar. Ýazgylar gök ýa-da melewşe reňklerde ýazylyp bilner. Şahadatnama ýazgylar ýazylanda gysgaltmalara ýol berilmeýär.

13. Şahadatnamadaky maglumatlarda nädogry ýa-da nätakyk ýazgylar ýüze çykarylanda, seýle ýazgyny düzetmek şol ýazgyny ýazan tarapyndan amala aşyrylýar. Täze iş ýerindäki iş beriji işgäre bu babatda zerur bolan kömegi bermäge borçludyr.

14. Eger-de nädogry ýa-da nätakyk ýazgylary ýazan iş beriji tarap ýatyrylan bolsa, onda düzediş hukuk oruntutary bolmadyk halatynda onuň tabynlygy boýunça özünden ýokarda durýan edara ýa-da gurama tarapyndan girizilýär.

15. Sürüjiniň hünär derejesi baradaky maglumatlara düzedişler buýrugyň asyl nusgasy, olar ýitirilen halatynda bolsa, sürüjiniň şol iş berijidäki işi hakyndaky beýleki resminamalar (toparyň teswirnamasy, sürüjiniň zähmet işine degişli resmi arhiw namalary, şahsy kartoçka, hasaplaşyk wedomosty, zähmet haky boýunça şahsy hasap we beýlekiler) esasynda ýazylýar we iş berijiniň möhri bilen tassyklanýar.

16. Nätakyk ýa-da nädogry ýazgylar düzedilen ýagdaýynda, ozal ýazylan ýazgylaryň üstünden çyzylmaýar.

17. Şaýatlaryň görkezmeleri ozal ýazylan ýazgylary düzetmek üçin esas bolup bilmez.

18. Sürüjiniň aýlyk zähmet hakyna hünär derejesi boýunça goşmaça hak tölenilmegi üçin sürüjiler tarapyndan Şahadatnamalar tabşyrylan ýagdaýynda, olar iş berijileriň özlerinde saklanýar.

19. Sürüji bilen zähmet şertnamasynyň bes edilen (ýatyrylan) gününde, saklamaklyga kanuny esas bolmasa, iş beriji sürüjä onuň Şahadatnamasyny bermäge borçludyr.

Şahadatnamanyň berilmegi gijikdirilen ýagdaýynda, oňa ýol beren jogapkär işgär Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekilýär.

20. Sürüjiniň ýüztutmasy esasynda, onuň öňki işlän edaralary tarapyndan berlen Şahadatnamalaryna ýazylan maglumatlara esas bolan resminamalaryň göçürmesini bermäge borçludyr.

Sürüjiniň hünär derejesi hakyndaky
şahadatnamanyň nusgasyna
*Goşundynyň A belgili dowamy*

**Sürüjiniň hünär derejesi hakynda şahadatnamalarynyň gowşurylyşyny hasaba alyş kitaby**

| Hasaba alyş san belgisi | Sürüjiniň familiýasy, ady, atasynyň ady | Sürüjiniň pasportynyň (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamanyň) san belgisi | Şahadatna-masynyň tapgyry we san belgisi | Şahadatnamasyny gowşurmak boýunça çykarylan buýrugyň (hatyň) san belgisi we senesi | Şahadatnamasyny alandygy hakynda raýatyň goly we alan senesi | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| | | | | | | |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2022-nji ýylyň 15-nji martynda 1574 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.